# Tom Henks: Azatlygy oňlamaýanlar ýurda aýakbagy bolýar

Category: Kitapcy,Publisistika,Romanlar,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Tom Henks: Azatlygy oňlamaýanlar ýurda aýakbagy bolýar
GARWARDYŇ UÇURYMLARYNYŇ ÖŇÜNDE GÜRLÄN TOM HENKS: AZATLYGY OŇLAMAÝANLAR ÝURDA AÝAKBAGY BOLÝAR




*«Oskar» baýragynyň eýesi Garward uniwersitetiniň şu ýylky uçurymlarynyň öňünde söz sözledi*
Garward uniwersitetiniň uçurymlaryny gutardyş dabarasynyň açylyş nutugyny sözlän Tom Henls azatlygy oňlaman, muňa biperwaý garaýan amerikanlaryň «has ajaýyp agzybirligiň kemala gelmegine zyýan edýändigini» öňe sürdi.
25-nji maýda penşenbe güni aktýor 9 müňden gowrak talyby ýollamak üçin uniwersitetiň guran 372-nji uçurym dabarasyna çagyryldy.
Ony köpçüligiň öňünde garşylan Garward uniwersitetiniň prezidenti Lourens Bekou aktýora «Wilsonyň şepesi, Buzzyň dosty, Rýanyň halasgäri, Amerikanyň atasy» diýmek bilen onuň «Täze dirmuş» («Изгой/»Cast Away») çeper filmindäki rolunyň şanyna woleýbol topuny sowgat berdi. Çeper filmde Henksiň janlandyran obrazy aklyndan azaşmazlyk üçin woleýbol topy bilen gürleşýär.




Henks tolgundyryjy çykyşynyñ dowamynda Garwardyñ şygary bolan we latyn dilinde «hakykat» manysyny berýän «veritas» sözüniñ üstünde durdy.
Meşhur aktýor «Käbirleri üçin hakykat indi eksperimental zat däl. Indi hakykat ne maglumata-da, sowukganlylyga-da, gözli şaýat kadalaryna-da goldananok» diýdi.
Henks «Dogryñy aýtmak indi jemgyýetçilik hyzmatynyñ ölçegi däl» diýip nygtady.
«Hakykat indi gorkularymyzyñ melhemi ýa hereketlerimiziñ ýolgörkezijisi däl. Indi hakykatyñ görnüşe we nul jemli final oýunlaryna görä şekillenip biljekdigi pikir edilýär».
Sözlerini dowam etdiren döredijilikli aktýor munuñ olary haýsam bolsa bir ýoly saýlap almaga mejbyr edýändigini aýtdy.
«Şular ýaly üç tüýsli ABŞ-lynyñ biri bolup galmaga mejbur bolan ähli ýaşlaryñ öñünde birmeñzeş saýlawlar bar: Hemmeler üçin azatlygy we erkinligi oñlaýanlar, oñlamaýanlar ýa-da biperwaý garaýanlar.
Has ajaýyp agzybirligi, bir bitewi ýurdy berkarar etmek işini diñe birinjisi oñarar. Galanlary aýakbagy bolar».
Diñe magistraturany tamamlaýanlaryñ öñünde däl, Garwardyñ hünär kämilleşdiriş maksatnamalaryny we dowamly bilim merkezlerini tamamlaýanlaryñam bolan toparyna-da ýüzlenen Henks çykyşynyñ ahyrynda şuny aýratyn nygtady.

Aktýor «Jogapkärçilik size degişli. Bize degişli. Tagalla görkezmegem islege bagly. Emma hakykat, hakykat mukaddesdir. Ony üýtgedip bolmaýar. Ol respublikamyzyň kerpijine we binýadyna ýazylandyr» diýdi.
Sungat ylymlarynyň doktory derejesini alan Henks dünýäniň saýlama ylmy işgärlerinden we alymlaryndan doly köpçüliginiň öňünde özüniň ylmy atlarynyň kemterlik edýänligini ýaňsylady.
Henks «Haýyş edýärin, bu adalatly bolmasa-da, siziň gaharyňyzy getirmesin» diýdi.
Amerikan ýazyjysy Den Braunyň «Da Winçiniň kody» («The Da Vinci Code»), «Perişdeler we şeýtanlar» («Angels & Demons»), «Dowzah» («Inferno») romanlary esasynda surata düşürilen üç çeper filmde janlandyran (Garwardda mugallym bolup işleýän) Robert Lengdonyň çeper obrazyny ýatladan Henks şeýle diýdi:
«Häzir men çigit ýaly iş etmän, okuw otagynda ýeke minut wagt geçirmän Garwardyň okuwy tamamlaýan talyplaryna, fakultetine ýa-da tapawutlanan uçurymlaryna dahylym bolmagy üçin şol kitaphana ýeke gezek girmän, şol ýeriň mugallymynyň roluny oýnap, diýseň gowy durmuşda ýaşaýaryn».



Henks bu sözüne gülüşen talyplara «Dünýäniň gurluşy şeýle, çagalar» diýip, henek atdy.
Injiliň sözlerine salgylanan akýor «Ýagşylyk we merhemet her gün ýaranyňyz bolsun» diýip sözüni tamamlady.
«Ömürboýy ýoluňyz açyk bolsun!»
Inga PARKEL.

Anna, 26.05.2023 ý. Publisistika